# Çüýremeýän jesetleriñ syry

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Çüýremeýän jesetleriñ syry

ÇÜÝREMEÝÄN JESETLERIÑ SYRY

Watan üçin, il-gün we maşgalasy üçin ýa-da din ugrunda Allanyñ ýolunda wepat bolanlara şehit diýilýändigini biziñ hemmämizem bilýändiris. Ýöne şehitleriñ jesediniñ üýtgemän-sozulman saklanyp galan ýerlerine köp duşulýandygyny welin köpümiz bilýänem däldiris. Belki-de şehitleriñ ýuwulman eşigi-zady bilen bile jaýlanylýandygy şonuñ bilen baglanyşykly bir zatdyr? Yslamda watany, dini üçin söweşlerde we beýleki dürli ýagdaýlarda wepat bolan şehitleriñ magşar meýdanyna gany bilen gelýändigine ynanylýar. Ýuwulman, wepat bolanyndaky eşigi bilen jaýlanylmagy şol ynançdan gözbaş alýar. Geçen asyryñ togsanynjy ýyllarynda Azym işan, Ýakup hoja ýaly Hakdan halatly kişileriñ dürli sebäpler bilen guburlary açylanda, jaýlanan wagtyndan onlarça ýyl geçendigine garamazdan, ady agzalan bu iki beýik şahsyýetiñ edil ýañy jaýlanan ýaly üýtgemän galan bedenini gözi bilen görendiklerini häli-häzirem gürrüñ edýän ýaşulular bar. Aýtmaklaryna görä, hatda Ýakup hojanyñ aýagyndaky ädiginiñ ýylpyldysy-da öçmänmişin… Bu aýdylýanlar öwrenilmäge degişli. Halkymyz şeýle beýik şahsyýetler bilen baglanyşykly her bir jikme-jikligi bilmäge haklydyr.
Eýsem, jesetleriñ üýtgemän galýan ýagdaýlary başga dinlerde we başga halkyýetlerde-de barmy? Eger bar bolsa muny nämä baglanyşdyryp bolar?
Ynha, şu soraglara jogap tapmak üçin daşary ýurt çeşmelerine salgylanyp taýýarlan gyzykly maglumatymyzy Siziñ dykgatyñyza hödürleýäris.

*   *   *

Wagtal-wagtlar dünýäniñ çar künjünde üstünden ýüzlerçe ýyl

geçendigine garamazdan, çüýremän galan jesetlere duş gelinýär. Haýran galmaly ýeri: ol jesetleri üýtgetmän saklar ýaly hiç hili goraýjy himiki maddalaryñ ýokdugy. Alymlaryñ käbiri muña jesede degişli ruhuñ dünýä bilen baglanyşygy sebäp bolýar diýip düşündirýär.
Üýtgemeýän jesetler boýunça köp sanly mysal katolik buthanalaryñ "keramatlylarynyñ" galdyran ýazgylarynda duş gelýär. Olar buthana taryhçysy Turston aýtmyşlaýyn, "gabyryñ elhençiligine çydam edýän" mistikleriñ bedenleridir. Şeýle-de bolsa, çüýremän galýan jesetleriñ diñe katoliklerde gabat gelýändigini aýtsak, nädogry bolar. Bular ýaly zada ähli hristian mezheplerinde we beýleki dinlerde hem duş gelinýär. Mysal üçin "Buddist keramatlylaryñ durmuşy" atly hytaý hronologiýasynda-da şuña meñzeş wakalar köp agzalýar.
Jaýlananyna 564 ýyl geçendigine garamazdan Çan (ýa-da Zen) nesliniñ ýaşulularyndan bolan Hui Nengiñ kyssasy-da şolardan biri.
Hui-Neng 712-nji ýylda Kwantung diýen ýerde sapak beren Kuo-en buthanasyndan jaýlanýar. Sung nesilşalygynyñ dargamagy bilen 1276-njy ýylda mongol basybalyjjylary onuñ jesedini mazaryndan çykarýar. Mongol sülsatlary jesediñ adatdan daşary gudrat bilen goralýandygy baradaky rowaýatlaryñ anygyna ýetmek isläpdirler.
Aradan çykanyna 564 ýyl geçenem bolsa Zen halypasynyñ hamy diri adamyñky ýaly şo durşuna saklanyp galan eken. Jesetde hiç hili üýtgeme alamaty tapylmandyr. Mongol esgerleri bilesigelijilik bilen onuñ garnyny ýaryp görýärler. Ýürek bilen bagryñ şo durşuna durandygyny gören mongol sülsatlary şeýlekin gudrata haýran galyp, şol ýerden dessine gaçmak bilen bolupdyr.

■ "Keramatly derejesine beýgelsin"

Bu zatlar diñe geçmişde bolup geçmändir. Wakalar biziñ günlerimizde-de häli-şindi ýüze çykyp dur. Mysal üçin, 1977-nji ýylda Ispaniýanyñ Espernitas diýen ýerinde maşgala mazarçylygynda şol maşgaladan ýogalan erkegi gömmek üçin bir

guburyñ üsti açyldy. Zangoç we onuñ ýanyndakylar ýogalanyñ kyrk ýyl öñ ölen oglunyñ jesediniñ häzirem bozulman durandygyny görüp añk bolup galýarlar. Žoze Garsia Moreno atly bu ýatan jeset 1937-nji ýylda bary-ýogy on bir ýaşyndaka meningit zerarly aradan çykypdy. Ene-atasy çaganyñ jesediniñ depin edilmezden öñ dermanlanandygy baradaky çaklamalary düýpgöter inkär etdi. Köp wagt geçmänkä oba adamlary çüýräp giden kepeniñ içindäki üýtgemän duran jesedi görmäge gelip başlaýarlar. Olar adamyñ şular ýaly "lutufa gowuşmagy" üçin hökmany suratda onuñ keramatly bolmalydygyna ynanýarlar. Derhal ony "keramatlylaryñ" hataryna goşmaklary üçin Rime resmi ýagdaýda hat üstüne hat ýagdyrýarlar. Ýöne buthana munuñ bilen hiç hili gyzyklanmaýar.
Dini mazmunly ýene bir hadysany mysal getireliñ. 1644-nji ýylda Zofiýa Bosniýakowa atly görmegeý wenger grafinýasy 35 ýaşynda aradan çykýar. Grafinýa öñ iki gezek durmuşa çykypdy we bir ogly bardy. Ýaş zenanyñ 17 ýaşynda durmuşa çykanyna bir ýyl bolanda äri aradan çykýar. Ikinji äri Franko Wesseleni tanymal muşkotýor we diplomatdy. Şeýle-de bolsa, ol öñýeten bilen ýatyp-turmakdan gaýtmaýan ahlaksyz adamlaryñ biridi. Şonuñ üçin ýaş grafinýa Demirgazyk Slowakiýadaky Streçno mülküne gidýär we ölýänçä ol ýerde ybadat bilen meşgul bolýar.
1989-njy ýyldan şol mülkde abadanlaşdyryş işleri geçirilende, grafinýanyñ tabydy açylýar. Ýaş zenan köstsüz gözelligi bilen şo durşuna ýatyr eken.

■ "Hudaý jesedimi çüýretmesin"

Başga bir hadysa bolsa Kristian Kahlbuts atly nemes rysarynyñ jesedi bilen baglanyşykly.
Kahlbuts 1675-nji ýylda şwed basybalyjylaryna garşy uruşda dogduk depesi Brandenburgy gahrymanlarça gorap, özüni ýagşylykda ýatlar ýaly edipdir. Ýogsam bolmasa, ol öñ grafinýa Zofiýa Bosniýakowanyñ ikinji äri pisint azgyn adam eken. Ol öz ýurdunda diýdimzor adamlaryñ biri bolupdyr.
Kahlbutz öz on bir çagasyndan başga, oba gyzlaryna otuz çaga

dogurdyp ýetişipdir. Hatda özi bilen jynsy gatnaşykda bolmakdan ýüz öwren bir gyzyň adaglysyny öldüripdir. Şeýtmek bilen ol naçardan ar alýandyryn öýdüpdir. Gyz onuň üstünden suda şikaýat edipdir. Emma sudda jenaýat etmändigi barada Hudaýyň adyndan ant içendigi üçin jezalandyrylman galýar. Kahlbuts: "Eger ganhor men bolsam, onda Hudaý meniň jesedimi çüýretmesin!" diýip ant içýär. 1702-nji ýylda aradan çykan Kahlbutsyň ölüminden 90 ýyl geçensoň ýerli buthananyň ýerlerini abadanlaşdyrýarlar. Şonda Kahlbutsyň tabytynda onuň üýtgemän ýatan jesedine gabat gelinýär. Ynha, şeýdip öňem şonuň edendigine ynanylýan jenaýaty kimiň edendigi görnetin aýan bolýar.
Bu hekaýatyň biraz ösdürilip aýdylýan bolmagam ahmal. Sebäbi folklor bilen ýerli ahlakçylaryň çemeçilligi goşulyp, şeýle hekaýatyň orta çykan bolaýmagam daşda däl.
Ýöne rysaryň jesediniň adatdan daşary ýagdaýda saklanyp galmagy bolup biläýjek zat.
1936-njy ýylda Berlinde geçirilen Olimpiýa oýunlary wagtynda köpsanly zyýaratçy bu jesedi görmäge gelipdir. Häzir şol rysaryň kofäniň reňkine meňzäp giden we gurap galan jesedi Germaniýanyň Kampehl obasynda ýüzi aýnaly açyk tabytda saklanylýar. Gömleninden bäri el degdirilmän galan kepeniň ýüzünde gaty köp adam ýadygärlik ýazgy galdyrypdyr, şonuň üçin tabytyň ýüzüne aýna gapak goýupdyrlar.
1895-nji ýylda meşhur patolog Rudolf Wirhow jesedi ekspertizadan geçiripdir. Ekpertizanyň netijesi jesediň üýtgemän galmagy üçin maddalaryň biriniňem ulanylmandygyny görkezipdir. Wirhow içki organlarynyň jesediň daşky sypatyndanam gowy saklanandygyny aýdypdyr. Mundan soň Berlinden gelen ýörite topar bu boýunça gyzyklanýar. Topar her dürli teoriýalary orta atyp, jesedi barlap görýär. Ýöne hernäçe jan etselerem bu syrly jesediň syryny açyp bilmändirler.
Gadymy Müsürde mumyýalan müňlerçe ýyllyk jesetleriň häli-şindi tapylyp durýar. Bu hiç kime geň däl bolsa gerek. Sebäbi Müsürde faraonlar we köşk aristokratiýasy ölenden soň ýaşaýyşa dowam etmek we baky galmak üçin özlerini mumyýaladýardylar.

Mumyýa ~ jesedi dermanlaýan adamyñ ýokary başarnygyndan dörän zat. Ýöne bu usul garamaýaklara ýetdirýän zat däldi. Soñky geçirilen barlaglaryñ netijesi garyp-pukaralaryñ iñ soñky düşelgesi bolan gyzgyn çöl çägeleriniñ iñ oñat gorag serişdesi bolandygyny we çägede jaýlanyp şu günki güne çenli gelip ýeten garyp müsürlileriñ jesetlerine hiç hili derman serişdesi ýa mumyýa ulanylmandygyny anyklady.
Üýtgemeýän jesetler boýunça öñe sürülen dürli-dürli çaklamalar bar. Olaryñ biri dürli hili goraýjy maddalardyr. Ýöne anygyna ýetilen wakalaryñ aglabasynda bu usul ulanylmandyr. Ekspertiza barlaglarynuñ netijesi şeýle jesetleriñ hiç birindenem goraýjy maddalary tapyp bilmändir. Çünki goraýjy maddalary ulanmak üçin ilki meýdiñ iç goşlaryny çykarmak gerek. Edil keramatly Frensis Hawýer wakasynda bolşy ýaly! Mazar mukaddes amanatlary almak üçin açylanda munuñ şeýledigi orta çykdy.
“Incorruptibles” atly kitabyñ awtory Žoan Kruz çüýremeýän jesetleri esasan üç topara bölýär: ýörite goralyp saklanýanlar, tötänleýin ýada tebigy taýdan saklanyp galan jesetler we heññamlara döş geren jesetler.
Ikinji topara girýänleriñ ýönekeý düşündirişi olaryñ hikmetinden hiç zady azaltmaýar. Ruhany Turston we Kruz adam jesetleriniñ saklanyp galan birnäçe ýeriñ salgysyny berýärler.
Kruz 1954-nji ýylda Çilide bir dagyñ gowagynda tapylan mumyýalanan jesetden söz açýar. Ol 500 ýyl öñ gurban edilmek üçin derman berilip huşundan giderilen we ol ýerde doñdurylyp taşlan oglanjygyñ jesedidir öýdülýärdi. Başga bir tarapdan Daniýada, Irlandiýada, Şotlandiýada demir eýýamyndan galan üýtgewsiz jesetler tapyldy. Ýöne tebigy hadysalar olaryñ sypatyny ep-esli üýtgedipdir.
Spirt, bal, çäge, duz ýaly başga-da birnäçe ýasama maddalar arkaly ol jesetler eksponat hökmünde häzirem saklanýar. Şeýle-de bolsa bu jesetleri heññamlara döş geren jesetleriñ toparyna goşmak mümkin däl.

■ Skletleşmeýär

Käbir ýerler mazar üçin ýörite saýlanypdyr. Sebäbi tebigy şertler jesediñ üýtgewini gijikdiripdir. Palermodaky we Maltadaky Kapuçino katakomplary şeýle ýerleriñ biridir. XIX asyryñ syýahatçysy olar barada şeýle ýazgy galdyrypdyr: “Ählisiniñ arkasynda adaty eşikler bardy… Ham we bogunlar gurap, gatap galypdyr. Köpüsiniñ jaýlananyna 250 ýyl geçenem bolsa, biri-de sklet halyna gelmändir".
XVIII asyrda Bremen katedralynyñ düýbündäki gurşun gaply ýerasty gatlaklaryna jaýlanmak nemes aristokratlaryna ýoñ bolupdy. Ol ýerde bir işçiniñ üýtgemän galan jesedi tapyldy. Işçi birnäçe ýyl şondan öñ ölüm bilen gutaran heläkçilige uçrapdy we jesedi tapylmandy.
Dublindäki Sent-Mişen buthanasynyñ astyndaky kemerli gabyrlaryñ hem şeýle aýratynlyklary bar. 1901-nji ýylda buthanada geçirilen bir barlagda bir çagajygyñ jesediniñ üstünden barylýar: "Depin edilende dolmuş bileklerine dakylan solup giden ak lenta häzirem sallanyp durdy".
Tabytyñ üstüne ýazylan ýyl bolsa 1679-njy ýyly görkezýärdi.

■ Radiasion täsiri bolup bilermi?

Şuña meñzeş zatlar Ukrainanuñ Kiýew şäherinde hem duş gelýär. Häzir şäheriñ nekropoliýasynda köpsanly guran jeset üsti açyk aýnaly tabytlarda saklanýar.
Edil nemes rysarynyñ wakasynda bolşy ýaly, Germaniýanyñ Mittelfranken diýen ýerinde Wasserburg Somersdorf mülkünden tapylan 250 ýyllyk gury jesetlere radiasiýanyñ täsir edendigi çaklanylýar. Ýöne ol mazarlarda radiasiýa az bolandygy üçin, munuñ ýeke-täk sebäbi diñe radiasiýa bolandyr diýmek dogry bolmaz.
1522-nji ýylda Demirgazyk-günbatar Fransiýada Korol Williamyñ jesedi resmi ýagdaýda mazaryndan çykaryldy. Bu waka gyzgyn seslenme döretdi. Harby gullukçylaryñ arasyndan korollyk tagtyna ýeten bu patyşanyñ jesedi, hususanam ýüzi 400 ýyldan gowrak wagt haýran galdyryjy derejede saklanyp galypdyr. Hamala, korol diri adam ýaly eken. Dogry, ol gömülmänkä jesedi dermanlanypdyr. Ýöne bu iş şol döwrüñ juda ýöntem usullary

bilen edilipdir. Şonuñ üçin şeýle usulda dermanlanan jesediñ adaty ýagdaýda birnäçe ýyl öñ tozga öwrülip gitmelidi. Suratkeşleriñ birine Williamyñ ölüminden soñky portretini çekmek tabşyrylypdyr. Suratkeş suraty çekende jesetden peýdalananam bolsa, onuñ suratdaky keşbine döwrebap eşikleri "geýdiripdir". Şeýdip korol William Ýewropanyñ irki Renessansynyñ hökümdarynyñ simwolyna öwrüldi.
Agzalan ýerlerden tapylan jesetleriñ ählisi-de ahyrynda bürşen, gorkunç şekilde üýtgän we gap-gatydy. Žoan Kruzyñ aýdyşy ýaly, hakyky üýtgewsizlik hadysalarynda bular ýaly ýagdaýlara duş gelinmeýär. Heññamlara döş gerýän jesetler üstünden ýüzlerçe ýyl geçse-de, endamynyñ suwy gitmeýär.
sonra bile oldukça nemli ve esnek olarak kalıyor.

■ Sabynsöw maddanyñ täsiri

Başga bir wersiýasy bolsa, sabynlaşmak diýip atlandyrylýan birtüýsli tebigy stadiýadan gözbaş alýar. Bu stadiýada adyndanam belli bolşy ýaly, organizmiñ öýjükleri ammoniakly sabyna öwrülýär.
Bu sabynsöw maddany bolsa gatylaşan daşky deri gurşap alýar. Sabynsöw madda “adipocere” (жировоск) diýilýär.
Ol latynça "ýag" manysyny berýän “adeps” we "mum" manysyny berýän “cera” sözlerinden gelip çykýar. Bu madda berilen başga bir at bolsa fransuzça "kadawra ýagy" manysyny añladýan sözdür.
Sabynlaşma yzgarly topraga gömülmekden bolýan zatdyr. Onuñ näme üçin käte şeýle bolup, käte bolmaýandygy bolsa, heniz anyklanmady.
1785-nji ýylda Pariž buthanalarynyñ biriniñ gonamçylygynyñ arassaçylygyna jogapkär Monsieur Touret jesetleriñ köpüsiniñ sabynsöw madda öwrülýändigine şaýat boldy.

■ Dünýä bilen baglylyk

Üýtgewsiz jesetler hakynda orta atylan güýçli teoriýa bar. Bu teoriýa ruh-beden gatnaşygyna esaslanýar. Şoña görä jesediñ üýtgewsizliginiñ sebäbi ruhuñ bedeni terk edip

bilmeýänligindendir. Ýagny, ruh bedenden aýrylyp bilmeýşi ýaly, bedene yzygiderli özüne mahsus reaksiýa berýär. Bu reaksiýa bedene daşarky täsirlerden (mör-möjeklerden, çüýreýiş prosesinden we ş.m.) has güýçli we durnukly täsir edip bilse, onda jeset üýtgemän saklanyp bilýär. Ruhuñ berýän täsiri daşarky täsirlerden gowşak bolsa, onda jeset çüýräp başlaýar. Netijede, her çüýremän galýan jesediñ keramatly adamdygyny düşünmek dogry bolmaz…

# gizemligercekler

Geň-taňsy wakalar